"T A S S Y K L A Ý A R Y N"

Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň rektory

B. Mämmedow

"___" _______ 2024 ý.

# Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda "Kompýuter grafikasy" we "Elektrotehnika" okuw derslerinden ders bäsleşiklerini guramak we geçirmek hakynda

# DÜZGÜNNAMA

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzyň bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak ýokary ylmy mümkinçiligi bolan giň gözýetimli, maksada okgunly, innowasion tehnologiýalary dolandyrmaga ukyply, ýokary hünär taýýarlykly ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmekde öňümizde goýan baş wezipelerini oňyn çözmek, Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň hem-de tebigy we takyk ylmy ugurlaryna degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýalaryny durmuşa ornaşdyrmagyň Meýilnamalaryny ýerine ýetirmek, bilim ulgamynda innowasiýalary ornaşdyrmak, şeýle hem bilimiň hiline garaşsyz baha bermek maksady bilen, "Kompýuter grafikasy" we "Elektrotehnika" okuw derslerinden ders bäsleşiklerini guramak we geçirmek boýunça şu Düzgünnama işlenip taýýarlanyldy.

## 1. Umumy düzgünler

Düzgünnama Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň dersler boýunça ders bäsleşiklerini guramagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasydyr.

Sanly maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryny ulanmagyň mümkinçilikleriniň giňeldilmegi zehinli talyplaryň ders we taslama bäsleşiklerine köpçülikleýin gatnaşmagyna mümkinçilik döredýär.

Şeýle bäsleşikleriň geçirilmegi Türkmenistanyň okgunly ösýän bazar ykdysadyýetiniň innowasion tehnologiýaly pudaklary üçin ylmy gözleglere ukyply, çylşyrymly meselelere özbaşdak çözgüt tapyp bilýän zehinli ýaşlary ýüze çykarmaga ýardam edýär.

**Okuw derslerinden ders bäsleşiklerini guramagyň esasy maksady:**

- talyplara özbaşdak pikirlenmegi, özbaşdak işlemegi, çylşyrymly meselelerden baş alyp çykmagy öwretmek;
- tebigy we takyk ylmy ugurlaryna degişli dersleri çuňňur öwrenmäge hem-de nazaryýetde alan bilimlerini tejribede ulanmagy başarmaga höwes döretmek;
- ýaşlarda ýeňşe bolan erki terbiýelemek, şeýle hem gatnaşýanlaryň öz intellektual ukyplaryny açyp görkezmeklerine mümkinçilik döretmek.

**Okuw derslerinden ders bäsleşiklerini guramagyň wezipeleri:**

- häzirki zaman sanly maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary ulanmak arkaly amaly nazarlanan meseleleri çözmäge gyzyklanma döretmek;
- sanly maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary arkaly ýokary okuw mekdepleriň we aýry-aýry ylmy merkezleriň özara aragatnaşygyny işjeňleşdirmek;
- zehinli we ukyply ýaşlary ýüze çykarmak, olaryň mundan beýläk intellektual ösüşi bilen bagly hünär saýlamaklaryna oňyn şertleri döretmek.

## 2. Okuw derslerinden ders bäsleşikleri guramagyň guramaçylyk-usulyýet üpjünçiligi

Okuw derslerinden ders bäsleşikleri guramak we geçirmek boýunça umumy ýolbaşçylygy amala aşyrmak üçin Guramaçylyk topary döredilýär. Guramaçylyk toparynyň düzümi Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanylýar.

**Guramaçylyk topary:**

Okuw derslerinden ders bäsleşikleri geçirmegiň esasy ýörelgelerini kesgitleýär hem-de ders bäsleşikleri geçirmek boýunça guramaçylyk işleri alyp barýar;

Okuw derslerinden ders bäsleşiklere gatnaşyjylaryň ýüztutmalaryna seredýär we arza-şikaýata we şahsy ýüztutmalar boýunça düşündiriş işleri alyp barýar.

## 3. Talyplaryň okuw derslerinden ders bäsleşikleri guramagyň we geçirmegiň tertibi

Okuw derslerinden ders bäsleşikleri Aşgabat we Arkadag şäherlerinde ýerleşýän ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin gatnaşmak tertibinde, Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň, Türkmen oba hojalyk institutynyň, Türkmenistanyň Deňiz we derýa institutynyň we Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyplary üçin sanly ulgam arkaly onlaýn gatnaşmak tertibinde geçirilýär. Okuw dersleriň degişli bölümleri Türkmenistanyň ýokary biliminiň **Döwlet bilim standartlarynyň talaplaryna** laýyklykda kesgitlenýär.

Okuw derslerinden ders bäsleşiklerine Türkmenistanyň pudak tabynlygyna we guramaçylyk-hukuk görnüşine garamazdan ähli ýokary okuw mekdepleriniň dürli ugurlarynyň, ýokary bilim maksatnamalary boýunça okaýan talyplary gatnaşyp bilerler.

Ýokary okuw mekdepleri tarapyndan okuw derslerinden ders bäsleşiklerine gatnaşmaklyga teklip edilýän talyplary bäsleşigi gurnaýjylar tarapyndan tdbgiob@gmail.com elektron salgyda 2024-nji ýylyň 15-nji sentýabryna çenli hasaba alynýar (1-nji goşundy).

Okuw derslerinden ders bäsleşikleriniň iş dili – türkmen dilidir.

Okuw derslerinden ders bäsleşiklerine her ders boýunça öz ýokary okuw mekdeplerinde iň gowy netijeleri görkezen talyplaryň 3 sanysy çagyrylýar.

Okuw derslerinden ders bäsleşiklerinde meseleleri (testleri) çözmek üçin 120 minut wagt berilýär.

Okuw derslerinden ders bäsleşikler **şahsy bäsleşik** tertibinde geçirilýär.

Okuw derslerinden ders bäsleşikleri geçirmegiň **Eminler topary** Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň rektory tarapyndan tassyklanýar.

Okuw derslerinden ders bäsleşiklere gatnaşyjylaryň topar ýolbaşçysynyň üsti bilen arz-şikaýat etmäge hukugy bardyr.

Arz-şikaýat ýüz tutmalar Eminler topary tarapyndan seredilýär we ahyrky netijäni Eminler toparynyň başlygy kesgitleýär, onuň ahyrky çözgüdi üýtgewsizdir.

## 4. Okuw derslerinden ders bäsleşikleri ýeňijilerini kesgitlemegiň we sylaglamagyň tertibi

Okuw derslerinden ders bäsleşiklere gatnaşyjylaryň dersler boýunça şahsy orunlary toplanan ballarynyň jemi boýunça Eminler topary tarapyndan kesgitlenýär.

Okuw derslerinden ders bäsleşikleri boýunça netijeler teswirnamalar arkaly resmileşdirilýär we Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanylýar.

Okuw derslerinden ders bäsleşikleriň ýeňijileri I, II, III derejeli diplomlar bilen sylaglanýar.

1-nji goşundy.

**Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň guramagynda geçirilýän "__________________" okuw dersi boýunça ders bäsleşigine**

____________________________________________________

(ýokary okuw mekdebiniň ady)

**gatnaşmaga teklip edilýän talyplarynyň sanawy**

| T/b | Talybyň familiýasy, ady we atasynyň ady | Okaýan ýyly we hünäri | Gatnaşyjynyň telefon belgisi we elektron salgysy | Jogapkär mugallymyň telefon belgisi we elektron salgysy |
|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | |
| 2 | | | | |
| 3 | | | | |